# Nemes faşistleri nirä gaçdylar?

Category: Geň-taňsy wakalar,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025
Nemes faşistleri nirä gaçdylar?

NEMES FAŞISTLERI NIRÄ GAÇDYLAR?

"Nýu-Ýork Taýms" ("New York Times") gazetinde çap edilen 600 sahypalyk maglumatda Ikinji jahan urşy tamamlanandan soň amerikan gizlin gulluklary tarapyndan gözleg yglan edilen nasistlere we olaryň soýuzdaşlaryna ABŞ-da ýaşamaga rugsat berilendigi aýdylýar.
Amerikan hökümetiniň nasistleriň ele salynmagyny analiz edýän habarnamasynda "Süteme uçran adamlara gaçybatalga bolmakda öwünýän Amerika zalymlaryň sümelgesi bolmaga başlady" diýip, gynanç bilen bellenilýär.
Diňe 1979-njy ýylda ABŞ-da nasistleri ýüze çykarmak üçin Adalat ministrliginiň garamagyndaky OSI (Office of Special Investigation) müdirliginiň talaby boýunça taryhçylar, aklawjylar we kriminoglar tarapyndan alnyp barylan işleriň netijesinde 10 müňe golaý nemes faşistiniň ABŞ-da ýaşap ýörendigi anyklandy.
Hususanam, 1954-nji ýylda ABŞ-nyň Merkezi Razwedka uprawleniýesiniň (MRU) işgärleriniň barypýatan nasist jenaýatkäri Adolf Eýhmanyň kömekçisi Otto fon Bolşwinge edilen kömegiň beýan edilýän resminamasynda "Germaniýany ýewreýlerden halas ediş" operasiýasyny taýýarlamaga gatnaşyjy Bolşwingiň uruşdan soňky ýyllarda MRU-nyň hasabyna işländigi aýdylýar. Dünýäni ýangyna gaplan we millionlarça adam pidalaryna getiren jahan urşy tamamlanandan soň ABŞ-nyň Ýaragly güýçleriniň razwedka gullugy (Counter Intelligence Corps) tarapyndan ABŞ-na getirilen Bolşwing 1949-njy ýylda Germaniýa Federatiw Respublikasynyň ilkinji kontrrazwedka gullugynyň düýbüni tutujy nasist ofiser Reýnhard Geleniň ýolbaşçylyk edýän "Gelen

toparyna" goşuldy. Ol munuñ yzysüre Günbatar Ýewropa ýurtlaryna kommunizmiñ aralaşmagyna garşy ABŞ-nyñ öñbaşçylygynda alnyp barylan göreşiñ esasy wekiline öwrüldi.
"Nýu Ýork Taýms" gazeti ABŞ-nyñ Adalat ministrligi tarapyndan nasistik geçmişi paş edilensoñ, 1981-nji ýylda ýurtdan deportasiýa edilmek islenen Bolşwingiñ şol ýyl 72 ýaşynda aradan çykandygyny hem ýazdy.
Habarnamada ýigrimä golaý nasistiñ adyny beren gazet Germaniýanyñ Mittelwerk ýarag zawodynyñ hojaýyny Artur Rudolfyñ hem ady agzalýar. Faşistik Germaniýada işlän alymlary bir ýere jemlemek üçin taýýarlanan "Ot operasiýasy" (“Operation Paperclip") meýilnamasynyñ çäklerinde raketa önümçiligi boýunça ökde hünärmendigi sebäpli 1945-nji ýylda ABŞ-na getirilen Rudolf birnäçe ýyl geçensoñ ABŞ-nyñ Kosmos gullugy (NASA) tarapyndan ýörite baýraga mynasyp görüldi. Rudolf Amerikanyñ "Saturn-5" raketasynyñ önümçiligini ilkinji goýan adamdyr.
ABŞ-na getirilen ýene bir meşhur nemes nasisti Werner fon Braundyr. Faşistik syýasatyñ hökmürowanlyk sürýän döwründe "Ar alyş ýaragy-2-ni" döreden Braun uruşa sebäpkär jenaýatçylaryñ oturgyjyna oturdylyp, sud edilmegiñ deregine ABŞ-na äkidildi we "Apollon" taslamasynyñ raketalaryny kämilleşdirmäge gatnaşdy.
ABŞ-da neşir edilen "Ot operasiýasy. Nasist alymlary Amerika getiren gizlin kontrrazwedka programmasy" (“Operation Paperclip: The Secret Intelligence Program that Brought Nazi Scientists to America) atly kitap ABŞ-nyñ Goranmak ministrliginiñ 1945-nji ýyldan soñ 600 müñden gowrak nemes alymlaryny nädip ýurda getirişini anyk resminamalara salgylanmak arkaly gürrüñ berýär. Amerikan žurnalistkasy Anni Ýakobseniñ ýazan bu kitabynda hut şol alymlaryñ käbiri Adolf Gitlere zarin gazyny we hyýarjymak çumany köpçülikleýin gyryş serişdesine öwürmekde ýardam edendigi aýdylýar. Şeýle-de, kitapda ABŞ-nyñ öz himiki we biologiki ýaraglaryny öndürmek hem-de howa gullugy we kosmos lukmançylygy boýunça öñe gitmek üçin "Üçünji Reýhiñ" beýni güýjüni peýdalanmak maksady bilen "Ot operasiýasynyñ" taýýarlanandygy aýdylýar.

# Internet maglumatlary esasynda taýýarlandy.

@ Kitapçylar.

Geň-taňsy wakalar